# Iki zenan lider

Category: Kitapcy,Zenan şahsyýetler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Iki zenan lider IKI ZENAN LIDER




Ýewropadan Ýakyn Gündogara, Aziýadan Amerika yklymyna çenli birentek ýurtlar ukypsyz we belli bir maksady bolmadyk körzehin liderleriň şowsuz kararlaryndan ýaňa gylyň üstünde durlar. Düýpli meseleleriň birine-de oňly çözgüt tapyp bilenoklar. Ykdysady meselelere çäre gözlemekden ejiz gelýärler. Adalatly bolup bilenoklar we garşa ýalan sözleýärler.
Aralarynda iki lider bar, olar däp bolan galyplardan has başgaça görnüşde ýurtlaryny uly üstünlik bilen dolandyrýarlar. Üstesine-de ikisi-de zenan.
Biri Germaniýanyň premýer-ministri Angela Merkel, beýlekisi – Täze Zelandiýanyň premýer-ministri Jasinda Ardern. Okeaniýadaky Täze Zelandiýa kiçijik, emma ýaşaýyş-durmuş derejesi diýseň ösen, şeýle-de töwereginde problemaly goňşular ýok. Ilatyň aglaba bölegíniň bilim derejesi gowy. Bular ýaly çetde ýerleşen asuda ýurdy dolandyrmak göräýmäge aňsat ýaly görnübem biler. Onuň liderlik ukyby we hili ýurtlaryň ululygyndan garaşsyz ýagdaýda orta çykan aýratynlyk.
Meniň özüm-ä, Jakinda Ardern Täze Zelandiýanyň däl-de, Angliýanyň başynda oturanam bolsa şeýle netijäni

gazanyp bilerdi diýip pikir edýärin.
Ýadyňyza düşýän bolsa, öňräk Täze Zelandiýanyň Kraýstçerç şäherinde metjitde namaz okap duran musulmanlara garşy gönükdirilen wehim terrorçylykly waka bolup geçipdi. Jakinda Ardern bu trawmatik hadysany ullakan bir döwletiň karizmatik lideri kimin seljerdi. Populist şemallara özüni aldyrmady. Nädogry syýasat ýöredip gahar-gazabyň, agzalalygyň ulalmagyna, öýke-kine tolkunynyň asmana galmagyna sebäp bolup bilerdi. "Biziň hemmämiz şu ýurduň adamlary!" diýip, musulmanlara gujak açdy. Diňe terrorçylara däl, olaryň arkalanýan milletçi ideologoýalaryna garşy göreşmek üçinem möhüm çäreleri kabul etdi. Ok atýan ýaraglaryň ulanylyşyna kesgitli çäklendirmeleri girizdi.

## ■ Merkeliň tapawudy

Angela Merkel eýýäm ençeme ýyl bäri Germaniýanyň premýer-ministri. Häzire çenli ykdysady we syýasy birnäçe krizisiň sowukganlylyk bilen hötdesinden geldi. Şeýtmek bilen ol diňe özüni goldaýan gatlaklaryň däl, garşysyna çykyş edýän taraplaryňam hormat goýýan adamsyna öwrüldi.
Çözmesi kyn iň çylşyrymly meselelere oýlanşykly çemeleşmesi, ykdysadyýeti üstünliki dolandyrmagy we Germaniýany global çaýkanşykdan ýara almazdan çykarmagy iň ünsi çekiji taraplary boldy.
Merkeliň ýolbaşçylygyndaky Germaniýa her pudakda markalaşan şereketleri, býužetiniň dolulygy, rekord eksporty bilen häzir Ýewropanyň iň güýçli ýurduna öwrüldi. Merkel ve Ardern koronawirusa garşy göreşde-de, barmak çommaldyp görkezerlik ýokary netijeleri gazandylar. Jynsyýetçi deňeşdirmeler etmegi halamaýan welin, şonda-da, zenanlaryň syýasata giren ýurtlarynyň köpüsinde uly ösüşleriň gazanylýandygyny gördüm. Finlandiýadyr Norwegiýada hem şeýle ýagdaý bar.

## ■ Eneler üçin nahal

Stambuldaky ýeke-täk zenan ýerli häkimiýet işgäri Sanjakdepäniň häkimi Şeýma Döğüji saglygy goraýyş ulgamynda işleýän eneler üçin görüm-göreldelik asylly işiň başyny başlady. Professor Ilhank Warank adyndaky Bilim we ylmy-

barlaglar hassahanasynda işleýän dört ýüz enäniñ hormatyna gurluşygy dowan edýän göçme hassahananyñ meýdançasynda agaç nahallaryny oturtdy.
Şol ikiarada Şeýma Dögüjiniñ häkimlik edýän raýony Sanjakdepede gurlup duran müñ adamlyk hassahananyñ maý aýynyñ aýagynda tamamlanyp ulanyşa berilmegi meýilleşdirilýär. Nesip holsa, diñe koronawirus döwründe däl, eýsem başga wagtlarda-da döräp biläýjek köpçülikleýin ýokanç keselleriñ bejergisinde-de Stambul diýseñ möhüm ähmiýetli binanyñ eýesi bolar.

Hakan ÇELIK.

"Posta" gazeti, 12.05.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Zenan şahsyýetler